***Çagalar baglarynda tomus taplama döwründe körpeleriň arasynda dynç alyş we taplama çäreleri işjeň ýagdaýda geçirilýär. Ýyllyk iş meýilnamasy esasynda biziň hem çagalar bagymyzda geçirilýän tomusky taplama çäreleri uly gyzyklanma döredýär. Bu çäräniň dowamynda çagalaryň eşikleri ýeňledilip, güne taplamak, arassa howada oýunlary guramak ýaly işler berjaý edilýär.***

Tomusky taplama çärelerine öňünden taýýarlyk görüldi. Toparlara niýetlenen meýdançalarda çägedanlary çägeden doldurmak we reňklemek, taplama degişli çagalar üçin enjamlary ýerbe-ýer etmek, düşekçeleri taýýarlamak, egin-eşikler, süpürgiçler taýýarlamak ýaly işlere aýratyn ähmmiýet berildi. Taplama çäreleriniň belliklerini etmek üçin ýörite ýazgylar depderleri döredildi we degişli ýazgylar doly hem-de dogry ýazyldy.

Körpeler günüň dowamynda ýörite taýýarlanylýan tagamnama esasynda çagalar üçin gerekli witaminlere baý bolan önümler bilen naharlanýarlar. Çagalar bakja-bagymyzda her topara niýetlenen oýun meýdançalarymyz bar. Olar ýörite enjamlar bilen enjamlaşdyrylan. Ol meýdançalarda çagalaryň ýaş aýratynlygyna laýyklykda, terbiýeçilik pursatlary guralýar. Bu bolsa körpeleriň bedenlerini berkitmäge we taplamaga, olaryň wagtlaryny şadyýan geçirmegine uly ýardam berýär.

Bagtyýar çagalar, edepli-bilimli nesiller ýurduň, maşgalanyň guwanjydyr, ertirki günümize bolan ynamymyzdyr, geljege umytly garaýşymyzdyr. Goý, bagtyýar çagalygyň mekany bolan eziz Diýarymyzda arassa asmanyň astynda körpe nesilleriň şadyýan gülküleri hemişe ýaňlanyp dursun!

**Amangul ULLAÝEWA,**
**Daşoguz şäheriniň 16-njy çagalar bagynyň terbiýeçisi.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026